# Türkmenler hakda 100 hekaýat -3: Goňşy haky

Category: Halk döredijiligi we rowaýatlar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmenler hakda 100 hekaýat -3: Goňşy haky ▶ Goňşy bahasy

Abdylla ibn Mübaregiň bir goňşusy bolupdyr. Ol çagalaryndan öňürti ýaňky goňşusyna nahar dadyrar eken. Çagalaryndan önürti, ony geýindirer eken. Günleriň birinde bu ýerden howly edinmek isleýänleriň biri goňşusynyň ýanyna gelip, jaýyny satmagy teklip edipdir. Ol: «Öýüm, howlym iki müň dinara durýar. Müň dinar onuň hakyky gymmaty. Müň dinar bolsa gowy goňşymyň barlygy üçin» diýipdir. Müşderi bu sözlere ör-gökden gelipdir: «Biz-ä jaýyň bahasynyň üstüne goňşy hakynyň urulýandygyny heniz eşidemzok» diýipdir. Emma Abdylla ibn Mübaregiň gonşusy pikirinden dänmejegini ýaňzydypdyr.
Bu sözleri eşiden Abdylla ibn Mübarek öz goňşusyna ýagşy dilegler edipdir. Oňa öňküsindenem has gowy seredipdir. Halk döredijiligi we rowaýatlar